# Daglyk Garabag döwleti ýaşamagyny bes eder

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Daglyk Garabag döwleti ýaşamagyny bes eder DAGLYK GARABAG DÖWLETI TÄZE ÝYLDAN ÝAŞAMAGYNY BES EDER




Öz-özüni jar eden Daglyk Garabag respublikasynyň lideri Samwel Şahramanýan penşenbe günündäki beýannamasynda 2024-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan ähli döwlet guramalarynyň ýapylýandygy barada permana gol çekendigini yglan etdi.
Otuz ýyldyr ermenileriň elinde bolan sebit geçen hepde Azerbaýjanyň eline geçdi.
Resmi şahslaryň aýtmagyna görä, ermeni ilatynyň aglabasy eýýäm gaçyp gitdi.
Bu sebit halkara derejesinde Azerbaýjanyň bir bölegi hökmünde ykrar edilen, emma 1990-njy ýyllarda SSSR-iň dargamagy bilen ony Ermenistan öz ygtyýaryna alypdy.
Jenap Şahramanýan döwleti ýatyrma kararynyň “halkyň fiziki howpsuzlygyny we jana-jan bähbitlerini üpjün etmek babatda deslapky zerurlyga esaslanandygy” aýdyp, şinda Azerbaýjanyň “ýerli halkyň erkin, meýletin we päsgelçiliksiz hereketini kepillendirmäge” razylyk berendigene salgylandy.
Ol Daglyk Garabagyň ilatyny, şol sanda häzir onuň daşynda ýaşaýanlary hem Azerbaýjana “täzeden integrasiýa edilişiň şertlerini hut öz gözi bilen görüp tanyşmaga” çagyrdy. Bakuwyň Garabagyň resmileri bilen bu babatda gepleşikleri başlandy.
Ermenistanyň premýer-ministri Nikol Paşinýan ýakyn günlerde Daglyk Garabagda ermeni galmajakdygyna ynanýandygyny mälim etdi.

Täze zabunlygyň gorkusy 2022-nji ýylyň dekabrynda Azerbaýjanyň anklawa jana-jan zerur ýolda köp täsirli bolan böwet goýmagy bilen ýüze çykypdy.
20-nji sentýabrdaky atyşygy bes edişik 24 sagada çeken söweşlere nokat goýupdy.
Emma sebitdäki 120.000 etnik ermeniniň köpüsi Daglyk Garabagda özlerine geljegiň ýokdugyndan heder edýärler. Jenap Paşinýan sebitde "etnik arassalaýşyň" başlanandygyny aýtdy.
Penşenbede ol bu mesele dogrusynda halkara derejesindäki hereketlere çagyrdy.
"Eger ýazgarmalaryň yzy bilen degişli syýasy we hukuk çäreleri görülmese, onda bu ýazgarmalar bolup-geçýänlere razylyk alamatlary bolup çykýar" diýip, ol öz hökümetiiň agzalaryna aýtdy.
Günbatar döwletleri halkara synçylaryň Garabaga gelip, ýerli ilata çemeleşilişe gözegçilik etmeklerine yjaza bermegi üçin Azerbaýjana basyş edýärler, emma entek bu berlenok.
Ýogsa-da, Azerbaýjan häkimiýetleriniň aýtmagyna görä, anklawyň öňki liderine maliýe terrorçylygyny hem öz içine alýan ençeme günäkärlemeler ýüklendipdir.
2022-nji ýylyň noýabryndan şu ýylyň fewralyna çenli ýurtbölüji hökümete ýolbaşçylyk eden Ruben Wardanýan, resmileriň habaryna görä, çarşenbe güni Ermenistana gaçmaga synanyşygy wagtynda tussag edilipdir.
Hepdäniň başynda bir Azerbaýjan hökümet çeşmesiniň "Agence France Presse" habarlar gullugyna mälim etmegine görä, döwlet "Garabagda ýaraglaryny taşlan ermeni jeňbazlaryna günä geçiş" yglan etmegiň niýetinde, "harby jenaýatlary" edenler bolsa ele tabşyrylmaly.
Jenap Wardanýan häzir kazyýet işe garalşygyna çenli gabawhanada saklanylýar, onuň birnäçe aýlap şol ýerde galmagyna garaşylýar.
Ermenistanyň resmileriniň Daglyk Garabagdan gaçyp gelýän bosgunlaryň barha artýan mukdaryna hötde gelip biljekdiklerine ynamlary berk. Uly emeldarlaryň birisi "BBC" gullugy bilen söhbetinde sebitden gelýän ermeni "doganlarymyza we uýalarymyza" hemaýat etmegiň özleri üçin ynam-ygtykat meselesi bolup durýandygyny nygtady.
Garabagdan Ermenistana gidýän ýol näçe gündür hyryn-dykyn: ulaglar maşgala agzalaryndan depme doldurylan, nowalara üstünden agdarylyp ýük basylan, ulaglaryň depesindäki

bagažlara hem goş-golamlar gat-gat örülen.
Serhetden uzak bolmadyk Goris şäherinde ýardam etmek çäreleri ýaýbaňlandyrylýar. Ýerli oteller dolan, otaglar mugt berilýär, ermeniler sosial torlaryň üsti bilen bosgunlara ýurduň dürli künjeklerinden ýaşamaga ýer hödür edýärler.
Kömege talabyň örän ýokarylygy sebäpli häzir resmiler ýoldan iki sagatlyk uzakdaky Waýk şäherinde ikinji kömek merkezini açýarlar.
Ketrin ARMSTRONG.

«BBC News” habarlar gullugy, 28.09.2023 ý. Publisistika